# Balaň gelýär

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Balaň gelýär BALAÑ GELÝÄR



Aç gujagyň Ata Watan
Ýitip giden balaň gelýär.
Demme-dem seň adyň tutan
Seni söýüp halan gelýär,
Balaň gelýär, balaň gelýär.
Ýatma Ýakup ýürek gysyp
Aç gözüňi gelýär Ýusup
Seň adyňy bagra basyp
Didaryňy zarlan gelýär,
Balaň gelýär, balaň gelýär.

Bas bagryňa mähremiňi
Ýap bu ýara melhemiňi
Lukmany bol et emiňi
Dilip bagryn daglan gelýär
Balaň gelýär, balaň gelýär.

Aýra düşse-de ykbaly
Öz aslyny unutmany
Gözde ýaşy bulut ýaly

Çabga tutup baran gelýär,
Balaň gelýär, balaň gelýär.

Didaryňa doga aşyk
Ýok karary ýürek çişip
Gelýär bügün menzil aşyp
Ýitigini aran gelýär,
Balaň gelýär, balaň gelýär.

Amanmuhammet BAZÝAR. Goşgular